Psihikanyň filogenezde ösüşi. Filogenez diýlip psihologiýada haýwanlaryň psihikasyna we özüni alyp barşynyň döreýiş we taryhy ösüşi (ewolýusiýasy) prosesiniň manysyna düşünilýär. Filogenez (grphyle – urugy, tiresi, görnüşi we genosy – gelip çykyşy) – organizmiň toparlarynyň taryhy kemala gelşi. Filogenez psihikada materiýanyň ewolýusiýa synyň ösüşiniň netijesidir.

Psihikanyň ösüşi we döreýşi hakyndaky mesele alymlaryň öňün-de duran we durýan esasy mesele bolupdyr.

Ýerde ýaşaýan jandarlar Opaliniň taglymatyna görä, 3 million ýyl mundan ozal Ýer şarynda suwuň emele gelmegi bilen tötänleýin birleşmelerden organiki maddalar, uglewodlaryň birleşmesi bolan uly molekulalar döreýär. Bu molekulalaryň ýaşamagy üçin daşky sre da bilen mad da alyş-çalşygy bolmagy zerur. Şonuň netijesinde ol molekulalar has uly birnäçe molekulalara bölünipdir. Soňra bu molekulalar çylşyrymlaşyp, ýönekeý mikroorganizmlere bölünipdir.

Biologik ähmiýetli daşky täsirlere özboluşly hereket bilen jogap bermeklige tropizmler diýilýär. Tropizmiň aşakdaky ýaly görnüşleri bar:

1. Fotatropizmler – ösümligiň ýagtylyga öwrülmegi.
2. Hemotropizm – kesgitli fiziki, himiki sredany saýlap almaklygy.
3. Topotropizm – mehaniki hereket bilen organizmiň jogap bermegi.

Janly organizmler bolan jandarlarda gyjyndyryjylygyň täze formasy bolan duýujylyk ýüze çykýar. Ýagny daşky dünýäni bilmek üçin psihiki apparatlar çylşyrymlaşýar. Organizmiň çylşyrymlaşmagy bilen dürli öýjükli organizmler döreýär. Şonuň netijesinde öýjügiň ýöriteleşmegi bolup geçýär. Netijede, diňe signal kabul edýän w ezipesi bolan öýjükleri we olaryň sistemasyny syzgy organlary döredýär (ýag tyny, sesi we ş.m). Gury ýerde ýaşaýşyň çylşyrymlaşmagy zerarly jandarlaryň öňünde ýokary talaplary goýýar. Psihikanyň ösüşi nerw sistemasynyň çylşyrymlaşmagy esasynda bolup geçýär. Nerw sistemasy janly-jandarlaryň ýaşaýyş-durmuş şertleriniň we talaplarynyň täsiri esasynda çylşyrymlaşýar. Ýagny dyngysyz üýtgeýän daşky sreda jandarlaryň öňünde täze şertler we talaplary goýýar. Ýaşaýyş şertleriniň üýtgemegi jandarlaryň özüni alyp barşynda üýtgemeleri döredýär. Bu bolsa, öz gezeginde, nerw sistemasynyň ösmegine getirýär. Netijede, psihiki işiň ösmegi bilen ýönekeý formalar kem-kemden çylşyrymlaşyp gidýär.

**Nowruzgül JUMANIÝAZOWA,**
**Döwletmämmet Azady adyndaky**
**Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň talyby**

Все права защищены